# Baýlyk bilen ölçenmez, bu jahanda bahañ, heý

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Baýlyk bilen ölçenmez, bu jahanda bahañ, heý BAÝLYK BILEN ÖLÇENMEZ, BU JAHANDA BAHAÑ, HEÝ…

Niçikdir bunuň syry, nebsine erki ýetmez.
Iki istär bolsa biri, uýalmaz, ejap etmez.
Haram ýygnalan malyň ýitirsiň, hägehan, heý.
Süýthory, parahory ýagşy adam dost tutmaz.
Bu pişeleň hiç biri, ynsany ajap etmez.
Halal döwran sürmeli,bu jahanda,ynsan,heý.

Nebsiň berse azary, çepe-saga ýöretmez.
Ylgadar baýlyk sary, demiň demiňe ýetmez.
Bu dünýäniň bazary, tagt satar, bagt satmaz.
Göz aýlasa, nazary burnundan aňry ýetmez.
Gözel jahanyň nury, gül jemalyn görk etmez.
Dar görüner gözüňe, bu owadan jahan,heý.

Nebsiň guly süýthory, hiç ynsan ykrar etmez.
Hiç kes almaz habary, hiç kimsä sözi ötmez.
Basar gussa gubary, seriňden gaýgy gitmez.
Barha berip azary, ganjarar, ýaraň bitmez.
Tapylmaz derman-däri, baýlygyň peýda etmez.
Baýlyk bilen ölçenmez, bu jahanda bahaň heý.

Parahorlykdyr käri, soňuny pikir etmez.
Höweslär altyn-zeri, baryna şükür etmez.
Gyzarypdyr gözleri, halal zada seretmez.
Kalbyna ýagan gary, hiç bir kuýaş eretmez.
Aýan kylynar bary, Aşyk Azat syr etmez.
Sözlemese dogrysyn, guryr gider dahan heý.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular